# Arzuwlan ak bagtym saña garaşýan!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Arzuwlan ak bagtym saña garaşýan! ARZUWLAN AK BAGTYM SAÑA GARAŞÝAN!



Nogta deý saçlarmy ezip, ak ýagşa,
Arzuwlan ak bagtym saňa garaşýan.
Agraslygym bilen, dymmagym bilen,
Ýüregimiň armany saňa garaşýan.
Ýatlamalaň ýaglygyny atynyp,
Käte durmuş hakda ýöredýän hyýal.
Garaňky gijeleň sowuk goýnunda,
Säheriň çygynda saňa garaşýan.

Kän sowallar owsun atýar serimde,
Öz-özümi diňleýän oýlanýan biraz,
Duýýan, giň dünýäniň darlygyn maňa
Şonda-da yene men saňa garaşýan.

Ýùregimi ýagtyldyp ýananda şemler,
Mahal-mahal gözlerimden ýaş akýar
Näçe öňüm baglasa-da bu ykbal
Sùňňùmi gabşadyp, saňa garaşyan.

Umyt bilen, gussa bilen seredip,
Pâk duýgulam bilen ýaşaýan şindem.
Apy-tupan bolup öwüsüp gelýân
Ykmanda ýel kibi saňa garaśýan.

Ykbal kejebâmiň ýüpünden tutup,
Yhlasymdan ygyp ýörün henizem.
Kalbymyň töründe saklan yşgymy
Özgelere dözman saňa garaşýan.

Garaşmakdan hiç ýadamok, iremok,
Çünki garaşmaklyk bilen ýaşaýan.
Garaşyp ýetýärler uly ak bagta,
Ynha, seret, ýene men saňa garaşýan!

Selbinýaz DURDYÝEWA. Goşgular